# Yşk eseri / goşgular

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Yşk eseri / goşgular YŞK ESERI

Dumly-duşum ýol eýlediň,
Rowana bolmazmyň bäri?!
Jahyllygymyň öýlesi,
Göter gursakdan gubary.

Ömür daşlaşýar manydan,
Haly gaçdy hyýallarmyň.
Lejikdirdim ykbaly-da,
Gel, öňün al zyýanlarmyň.

Ýazgyt tutmasa çignimden,
Çyzanyndan ýörärim ýok.
Entegem hoş bu günümden,
Ýogsa sönüp, körärim ýok.

Bolsa uçut hem geçidi,
Çäresizlik täkdir hälem.
Bize bu takdyr göçümi,
Düşünýänimiz entegem.

Gidipdiň dönmezlik üçin,
Bilýän bir zatlar syzanyň.
Indem etmegin dözmezlik,
Ýokdur özüme ynamym.

■ OL

Güýzän ýaly gursagymyň guýmasy,
Baş berenok hiç berilýän tesellä.
Parhy ýok nähili sebäp bolsa-da,
Kalba salmak şahyra bir kesel-ä.

Kä ot bor ol, kä towlanyp kenarda,

Kä pelpelläp, gökde synlar ol ili.
Geňleme bolşuny goly galamlyň,
Ol yşka düşensoň, bolýar heserli.

Ol örtenip ýana-ýana gelýändir,
Ol derdinem götär onuň gerdeni.
Hatda ömrem şeýle paýlanýan bolsa,
Şygry bilen paýlardy ol her demi.

■ ÝOLDA

Ýene meni alyp barýar şol ýoda,
Ýok, ýoda däl, meniň üçin uly ýol,
Ol ýyllar gyzykly hem diýseň sada,
Arzuwlardan dolup durdy sagy-sol.

Ýadawlyk ýok, bardy ýaşlyk ýelgini,
Bolsun epgek tomus, bolsun sowuk gyş.
Duýsamam men kän zatlaryň kemligin,
Ruhum göterýärdi ýeke garaýyş.

Sen ýanymda çagyň men juda baýdym,
Bolsa-da egnimde soluşan penjek.
Umytly arzuwym ganatyn ýaýdy,
Her sapar diýeňde: «Sen haçan geljek?!».

«Çarygňa bakarak» diýlişi ýaly,
Aram-aram şol ýodadan gatnaýan.
Ahyr birikdirdi iki juwany,
Ýokdur yhlas edip, myrat tapmaýan.

Ýene gidip barýan gaýyn obama,
Durmuş üýtgese-de, ýürek sadady.
Maňa bu zatlary ýada salmaga,
Sebäp bolan şu gatnawly ýodady.